# Bitarap Türkmenistan – parahatçylygyň we dostlugyň mekany

Hormatly Prezidentimiziň parasatly, öňdengörüjilikli baştutanlygynda Watanymyzyň halkara abraýy barha artýar, halkara gatnaşyklarynda ýokary netijeler gazanylýar. Ýurdumyzyň bitarap, parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatda gazanýan üstünlikleriniň netijelerine Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň mysalynda aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Güneşli ýurdumyz dürli halkara maslahatlary, sammitleri, forumlary, yzygiderli geçirilýän mekanydyr.  Ýaňy ýakynda hem,  Söwda-senagat edarasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahaty geçirildi.

Forumyň maksatnamasyna laýyklykda, «Merkezi we Günorta Aziýada energetika, ulag, infrastruktura taslamalarynyň geosyýasy hem geoykdysady ähmiýeti», «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisi: ykdysady, guramaçylyk we hukuk meseleleri», «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçirijisiniň gurluşygynyň halkara ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda orny we ähmiýeti», «Merkezi we Günorta Aziýa sebitlerinde ulag arabaglanyşygy: ösüşiň taslamalary», «Maliýe institutlarynyň Merkezi we Günorta Aziýadaky ykdysady taslamalaryň durmuşa geçirilmegine gatnaşmaklary» atly bäş sany sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň ugurlaryny beýan edýän mejlislerde dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiziň ak patasy bilen nurly geljege badalga alan “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda” il-günimiz bagtyýar, asuda, abadan, erkin ýaşaýşyň hözirini görüp ýaşaýar. Ak daňlary erkin atýan, nurly Güni öz şöhlesiniň tyglaryny keremli topragyna bolluk bilen saçýan, şöhraty bilen asyrlar aşa mizemez heýkel dikip barýan  Diýarymyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýuny toýlamaly ýylymyzda özleri barada edilýän alada aňryýany bilen düşünýän bagtyýar halkymyz zähmet üstünliklerini özlerine ýaran edinýärler.

Milli Liderimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda alyp barýan oýlanyşykly başlangyçlary netijesinde içeri we daşary syýasatynda giň gerimli işler durmuşa ornaşdyrylýar. Ýagny, Bitaraplyk syýasatymyz bu gün halkymyzy bagtyýarlyga, asudalyga besleýär, ähli halklary dost-doganlyga çagyrýar. Çünki türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy milli Liderimiziň belleýşi ýaly, ähli halklarynyň dostluk-doganlyk we parahatçylygyň ýoludyr.

Goý, bütin dünýämizi kalby deý aklyga besleýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman  Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Bagtyýarlygyň, ruhubelentligiň, parahatçylygyň mekany bolan jan Watanymyz Türkmenistan has-da pajarlap össün!

Все права защищены

**Güljemal GUÝJOWA**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены